# Şygyr okap bersene!

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şygyr okap bersene!

ŞYGYR OKAP BERSENE!

Zemini sübselän saba ýelleri,
Ýazlar hakda şygyr okap bersene!
Sökensiñiz aññat-aññat çölleri,
Çöller hakda şygyr okap bersene!

Oka, salam ýollan aşyklar hakda,
Perzent diläp duran beşikler hakda,
Durna hatarynyñ jylawyn çek-de,
Köller hakda şygyr okap bersene!

Oka, ykbalyna ägirtler hakda,
İçi boş "Galaýy tabytlar" hakda,
Şehit guburynyñ başyna çök-de
Ýarlar hakda şygyr okap bersene!

Belki hat ýollandyr ilinden jyda,
Şuwlaýan sesiñden eşdilýär "Seda"
Amanat salamy gowşuryp nijä,
Arlar hakda şygyr okap bersene!

Ýene dolanmakçy bolsañ yzyña,
Diýjek sözlerim bar, biraz dursana.
Öçmedik ojaklañ töründen oña
Zorlar hakda şygyr okap bersene!

2. 05. 2017 ý.

Goşgular